# Azyk terrorçylygyna garşy göreşde üýtgän zat ýok!..

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Azyk terrorçylygyna garşy göreşde üýtgän zat ýok!..

AZYK TERRORÇYLYGYNA GARŞY GÖREŞDE ÜÝTGÄN ZAT ÝOK!..

Golaýda ezber žurnalist, ýakyn dostum Ysmaýyl Küçükkaýanyň çagyrmagynda beýleki bir doganymyz Gökmen Uly bilen bile meniň "Adatdan daşary durmuş" ("Olağanüstü Bir Hayat") kitabym hakynda gurnalan söhbetdeşlige gatnaşmak üçin Stambulyň Gazlyçeşme raýonyndaky "FOX TV" teleýaýlymyna gitdik.
Öň depo hökmünde ulanylan bu taryhy bina birkemsiz abatlanyp, telewizion binanyň şertlerine laýyk görnüşe getirilipdir.
Habarlar bölüminiň baş redaktory Dogan Şentürk dostumyzyň, ýaş kärdeşlerimiziň we söýlüp tomaşa edilýän “Çalar Saat Programı” gepleşiginiň awtory Ysmaýyl Küçükkaýanyň Gökmeni we meni mähirli myhmansöýüjilik bilen garşylaýyşlary bu binanyň içine ilkinji gezek aýak basandygyma garamazdan hakydama ömürlik siňip galan käbir pursatlary ýadyma saldy.

★★★

Gürrüň bereýin:
1986-njy ýyl…
Döwrüniň meşhur peýnir öndüriji firmasynyň Trakýadaky sehinde juda ýaramaz şertlerde önüm öndürilýändigini ýüze çykarypdyk. Muny metbugat şehidi Çetin Emeç "Hürriyet" gazetinde habar beripdi. Sehdäki ýagdaý şeýle bir erbetdi welin, ähli jikme-jikliklerini ýazsam, ýüregiňiz bulanar, işdäňiz kesiler, onsoň makalanyň dowamyny okasynyz gelmez. Şonuň üçin iň gowsy ol ýerde gigienanyň “g” harpynyňam ýokdugyny, önümçilik enjamlarynyň gat-gat kire baslygyp gidendigini we işgärleriň peýnir owradýan ädikleri bilen hajathana girip-çykanlaryndan soň, ýene-de işlerine dowam edýändiklerini aýtmak bilen

çäkleneýin!..

★★★

Habara gelýän seslenmeler dowam edip durka, ýene bir habar gelip düşdi.
Jañ eden kişiniñ aýtmagyna görä, şol firmanyñ daşary ýurtdan getirýän peýnirleriniñ ulanmaga ýaramly diýlip görkezilen iñ soñky möhleti geçip gutaransoñ, bazarlardan toplanyp, kärendeçisi bolan şol depo getirilýär, ýarlyklaryndaky (etiketka) görkezilen sene üýtgedilibem, hamala täze getirilen peýnir ýaly gaýtadan bazarlara ugradylýardy!
Geçiren barlaglarymyz gelen habaryñ dogrulygyny görkezdi. Men dessine Stambul häkimliginiñ baş sekretary Atanur Oguza ýagdaýy mälim etdim. Çünki şol wagtlar häkimlikleriñ azyk önümlerine gözegçilik etme ygtyýarlygy elleriden alynmandy. Galyberse-de, soñ awtoheläkçilige uçrap bimahal aramyzdan giden merhum Atanur Oguz meniñ gullukdaşymdy. Ätiýaçdaky leýtenant bolup 24 aýlap harby gulluk borjumy berjaý edenimde, ol hem soñky alty aýymda kiçi leýtenant çininde wzwodyñ serkerdeleriniñ arasynda ýerini alypdy.

★★★

Atanur “Boldy dostum, häzir seretdirip señ bilen habarlaşaryn” diýensoñ, fotohabarçy kärdeşimi deponyñ golaýynda bukurak bir ýerde goýdum. Atanurdan öñ ol jañ etdi we depodan peýnir ýükli bir kamazyñ çaltlyk bilen çykyp gidendigini aýtdy!..
Atanur Oguzdan garaşýan jañym bolsa birküç sagatdan soñ geldi. Ol “Biziñ oglanlarymyz depodan hiç hili peýnir tapmadylar!.. Diýmek, habar dogry däl eken” diýdi!
Görşümiz ýaly, häkimlikden kimem bolsa biri firma çawuş çakdy we ulanyş senesini üýtgetmek üçin toplanan peýnirler kamaza ýüklenip ol ýerden gaçyryldy!..

★★★

Muny näme üçin gel-gel şugünki gün agzaýandygymy aýdar bolsam…
Hepdäniñ aýagynda Stambuldadym. Köçäniñ ugrundaky satyjydan

simit we eredilen peýnir alyp, bir dostumyň ofisine gitdim. Agşamara ofisiň işgärleri bilen çaý-simit söhbeti edip durkam, burnuma peýnirden heňlän erbet ys geldi. Ýanymda oturanlaram şol ysy alansoň, peýniri iýmän zibil ýaşige okladyk.
Diýmek ulanyş möhleti gutaran peýnirler toplanyp, ýarlyklary çalşyrylan ýa-da eredilip gaplanandan soň, gaýtadan satuwa çykarylan!..
Aýtjak bolýanym; aradan otuz dört ýyl geçendigine garamazdan, azyk terrorçylygyna garşy göreşde hiç hili öňe gidişlik ýok, söýgüli okyjylarym!

Ugur DÜNDAR.

28.02.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby.

Jemgyýetçilik tankydy